Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!




# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRONIC NEWSPAPER

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№23 (73) 2023-nji ýylyň 20-nji sentýabry




## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**11**-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasynyň Sankt-Peterburg şäheriniň gubernatory Aleksandr Beglowy kabul etdi. Söhbetdeşligiň barşynda Türkmenistanyň we Newa boýundaky şäheriň arasynda ýakyn we dostlukly gatnaşyklaryň ýola goýlandygy bellenildi.

* * *

**14**-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Täjigistanyň Duşenbe şäherinde geçirilen Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygyna gatnaşdy. Duşenbe sammitiniň dowamynda Arkadagly Serdarymyz taryhy çykyş edip, Täze tehnologiýalar boýunça Merkezi Aziýa ýurtlarynyň geňeşini döretmek, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Energetika dialogyny döretmek, Merkezi Aziýa Söwda palatasyny döretmek meselesine garamak, Merkezi Aziýa ulag-logistika platformasyny işe girizmek mümkinçiligine garamak ýaly birnäçe möhüm ähmiýetli teklipleri öňe sürdi.

* * *

**15**-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Täjigistana amala aşyran iş saparynyň çäklerinde Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Geňeşiniň sammitine gatnaşdy. Arkadagly Serdarymyz sammitiň dowamynda Merkezi Aziýa Suw strategiýasyny döwrebaplaşdyrmagy, Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tehnologiýalar boýunça Sebit merkezini döretmegi hem-de Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň şertnamalaýyn-hukuk binýadyny kämilleşdirmegi teklip etdi.

* * *

**17**-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasyna gatnaşmak üçin iş sapary bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherine bardy.

* * *

**18**-nji sentýabrda Nýu-Ýorkda iş sapary bilen bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş bilen duşuşdy.

Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary barada gyzyklanma bildirilip geçirilen pikir alyşmalaryň barşynda Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk ýörelgelerinden ugur almak bilen, sebitiň we tutuş dünýäniň halklarynyň abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilen daşary syýasy ugry amala aşyrýandygy nygtaldy.

* * *

**18**-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Bütindünýä söwda guramasynyň (BSG) Baş direktory hanym Ngozi Okonjo-Iweala bilen duşuşyk geçirdi.

Döwlet Baştutanymyz we iri halkara söwda guramasynyň ýolbaşçysy mähirli salamlaşyp, hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we ony ösdürmegiň geljegini söhbetdeşlikde ara alyp maslahatlaşmak üçin dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirdiler.

*Syýasy teswir*

Bellenilişi ýaly, Türkmenistanda milli ykdysadyýeti ösdürmek we halkymyzyň abadançylygyny ýokarlandyrmak, daşary ykdysady gatnaşyklary giňeltmek hem-de ýurdumyza daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar.

* * *

**18**-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Ýun Sok Ýol bilen duşuşdy.

Söhbetdeşler häzirki wagtda döwletlerimiziň diňe bir ikitaraplaýyn görnüşde däl, eýsem, halkara guramalaryň, ilkinji nobatda bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk edýändiklerini nygtap, berk parahatçylyk, durnukly ösüşi we howpsuzlygy gazanmaga gönükdirilen başlangyçlary goldamak boýunça netijeli hyzmatdaşlygyň ýola goýlandygyny kanagatlanma bilen bellediler.

* * *

**18**-nji sentýabrda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji mejlisine gatnaşmak maksady bilen, Nýu-Ýorkda iş sapary bilen bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýewropa Bileleşiginiň Başlygy Şarl Mişel bilen duşuşdy.

Söhbetdeşligiň barşynda gatnaşyklaryň esasy ugurlary we bar bolan köpugurly mümkinçilikler babatda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň geljegi dogrusynda gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**



### OKUW SEMINARY GEÇIRILDI

ABŞ-nyň Halkara ösüş guramasy hem-de Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan häzirki zaman okuw usullaryny ornaşdyrmak boýunça bilelikde «Häzirki zaman hünärleri ösdürmek taslamasy» atly seminar geçirildi. 2023–nji ýylyň 15-16-njy sentýabrynda geçirilen bu seminar iki sessiýadan ybarat boldy. Seminara türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň mugallymlary gatnaşdylar. Olar seminaryň dowamynda Halkara ösüş guramasynyň hünärmenleri bilen häzirki zaman okuw usullary boýunça pikir alyşdylar.

### ART REIGNING IN THE HEARTS

The national heritage of our people is part of the spiritual wealth of society. During the Epoch of the Revival of a new era of powerful state under the wise leadership of Arkadagly Serdar, large-scale work is being carried out to study, preserve and expand the rich popularization of our cultural heritage of our people.

On September 13, 2023, teachers and students of the Institute of International Relations of Foreign Affairs of Turkmenistan have visited the State museum of the State cultural centre of Turkmenistan.

The students learned with interest the history of national decorative and applied arts. Here is an original product of national decorative and applied art - kurta (wedding cape), embroidered by Ogulabat eje, the mother of the National Leader of the Turkmen people, Hero-Arkadag. In addition, you can see with your own eyes the amulets-alaja, woolen socks that are knitted by Ogulabat eje and the tool with which they were made. The kurta, embroidered by Ogulabat eje back in 1971, is decorated with such colorful patterns as "gyýak", "okgözi", "içýan agyz", "tazy guýruk", and its edges are framed by camel wool alaja. On the right side of the collar, the inscription "1971" is visible, which was embroidered using the "kojeme" method. More than half a century ago, Ogulabat Eje sewed this kurta for her sister-in-law in 20 days.

### ПОБЕДА СТУДЕНТОВ-МЕЖДУНАРОДНИКОВ НА ЧЕМПИОНАТЕ МИРА

8-10 сентября 2023 года в столице Узбекистана в Ташкенте прошёл 13-й Чемпионат Мира по каратэ Сётокан (World Shotokan Karate Championships), в котором приняли участие около трёх тысяч спортсменов. Сборную Туркменистана представили 62 каратиста различных возрастных категорий.

На чемпионате в составе сборной Туркменистана участвовали студенты Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана, в частности: Давут Назмурадов – студент 3 курса факультета международных отношений,



Юсуп Гараджаев – студент 2 курса факультета международного права, Расул Атаджанов – студент 1 курса факультета международных экономических отношений.

Наши спортсмены принесли в копилку сборной Туркменистана 1 золотую, 2 серебряных и 5 бронзовых медалей.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

As it is known, Turkmenistan became the member of the UN on the second of March in 1992. On the way to the 32th anniversary of Idependence, Turkmenistan ensures high rates of development, continues to develop the national economy, and takes a confident step towards new levels of prosperity and well-being. In our country, at the constitutional level, person has been declared as the main value of society. Our country is one of the rapidly developing, prosperous and peace-loving countries of the world. This is clearly evidenced by the rapid implementation of large-scale reforms. Along with significant reforms, large-scale international cooperation is also being successfully developed. Close and effective cooperation with the United Nations is one of its clear indicators.

# Initiatives of Turkmenistan at the 78th session of the UN General Assembly



Turkmenistan is guided by the principles of neutrality, non-intervention, firm commitment to peaceful, political means of resolving conflicts and contradictions. During these days Turkmenistan is preparing a number of international initiatives to be presented at the 78th session of the United Nations General Assembly, which began its work on September 12, 2023 in New York. The initiatives were enshrined in resolutions of the UN General Assembly. This year, the Turkmen side intends to promote the initiative related to the development of the Global Security Strategy. Along with this, it will be proposed to create a permanent Security Council in Central Asia and hold its first meeting in Ashgabat in 2024.

At the 78th session of the United Nations General Assembly, Turkmenistan will propose initiatives such as the development of a Global Security Strategy, the organization of an international conference of the Group of Friends of Neutrality, as well as on the occasion of the declaration of November 26 as "World Sustainable Transport Day" on the initiative of the country, Turkmenistan will put forward a proposal to hold a high-level meeting within regular session of the General Assembly on developing cooperation in the field of sustainable transport within the framework of the Ashgabat process, to develop a global strategy for zero growth of greenhouse gas emissions until 2030, as well as the establishment of the Caspian Environmental Initiative and the UN Regional Water Council in Central Asia, headquartered in Ashgabat .

Accordingly, the creative principles of the foreign policy of the Motherland and priority initiatives of Turkmenistan at the 78th session of the General Assembly of the United Nations, at which new initiatives of our states aimed at further strengthening and expanding fruitful dialogue on key areas of global development.

We express our sincere gratitude to our Hero Arkadag, the National Leader of the Turkmen people and Arkadagly Serdar and wish them sound health, longevity as well as great success in all their undertakings in the world.

***Chemen BAYRIYEVA,***
***Senior lecturer of the Institute of International Relations of the MFA of Turkmenistan.***

# Dushanbe hosted 5th Consultative Meeting of the Heads of State of Central Asia

Today, it has become a noble tradition to hold Consultative Meetings of Central Asian states. So, this year Dushanbe hosted following the Fifth Consultative Meeting.

On September 14, 2023, the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov took part in the Consultative Meeting of the Heads of State of Central Asia.

The forum was also attended by the President of the Republic of Kazakhstan Kassym-Jomart Tokayev, the President of the Kyrgyz Republic Sadyr Japarov, the President of the Republic of Tajikistan Emomali Rahmon, the President of the Republic of Uzbekistan Shavkat Mirziyoyev and the President of the Republic of Azarbaijan Ilham Aliyev as honorary guest.

Addressing the participants of the Consultative Meeting, the Head of the Turkmen state Serdar Berdimuhamedov



expressed gratitude to the President of Tajikistan Emomali Rahmon for his warm hospitality and excellent conditions for fruitful joint work.

Our President Arkadag Serdar in his speech emphasized that our country attaches fundamental importance to the format of the Consultative Meetings of the Heads of State of Central Asia as an interstate mechanism designed to become a guarantor of maintaining an atmosphere of friendship, good neighborliness and constructive regional cooperation in the interests of our peoples.

In this context, the head of state noted the special significance of the United Nations General Assembly Resolution of July 28, 2022, declaring Central Asia a Zone of Peace, Trust and Cooperation. At the same time, it was stated that the adoption of this document is considered as a vital step towards strengthening the atmosphere of mutual understanding and cooperation in the region, transforming Central Asia into a space of lasting peace and security for solving economic, environmental, humanitarian problems and achieving the Sustainable Development Goals, the head of Turkmenistan said.

Our country will continue to actively work in this direction during the 78th session of the United Nations General Assembly. We intend to propose a number of initiatives for consideration by the world community, including those directly related to the development of our region, noted President Serdar Berdimuhamedov. In particular, this is the creation, under the auspices of the United Nations, of a meeting of the Dialogue on Security and Cooperation in Central Asia.

Among other initiatives of our country, the head of Turkmenistan named the beginning of consultations with relevant United Nations agencies to determine the optimal format and structure of the United Nations Special Program for the Aral Sea Basin, as well as the establishment of a specialized structure- the Regional Centre for Technologies Related to Climate Change in Central Asia. Turkmenistan is ready to provide all the necessary infrastructure to host this Centre in Ashgabat.

Having outlined the most momentous task of expanding interstate trade and economic relations and increasing the volume of mutual trade turnover, President Serdar Berdimuhamedov mentioned that extreme specificity and effective measures are required here. In this regard, Turkmenistan proposes to consider the issues of creating a Central Asian Chamber of Commerce. The meaning and purpose of its work is to coordinate joint steps in the development of trade, ensure the commercial interests of all potential economic entities in the Central Asian market, and attract investment for the implementation of large-regional projects.

During the frame of the Consultative Meeting, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov, at the invitation of the President of Tajikistan Emomali Rahmon, paid working visit to the Republic of Tajikistan.

*The bridge of brotherhood*

At the Dushanbe airport, a meeting was held between the National Leader of the Turkmen people and the Prime Minister of Tajikistan, during which issues of interstate cooperation, including the development of inter-parliamentary relations, were discussed.

In the afternoon, a solemn ceremony was held at the Kasri Millat Palace to award the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov with the Honorary Badge of the Heads of State of Central Asia.

Our Arkadag expressed gratitude for presenting him with this high award.

In his speech, the Leader of the Turkmen people emphasized that our countries have extensive natural resources, strong industrial and technological potential, which iplies the development and strengtheining of cooperation. Their unification, the creation of profitable partnership production lines, integration and cooperation corridors are a pressing topic. It was also noted that Central Asia is one of the cradles of world civilization, located at the crossroads of the Great Silk Road.

On behalf of the President of Turkmenistan, the Chairman Halk Maslahaty invited all dignitaries to take part in the celebrations planned in 2024 on the occasion of the anniversary of the Turkmen thinker and poet Magtymguly Pyragy, which will be held at the highest international level.

***On the sidelines of the summit in Dushanbe, 14 side events were held. As following:***

**1. EXPO Central Asia 2023**
**2. Gala concert "Evening of Friendship"**
**3. Economic Forum**
**4. The Second Forum of Rectors of Higher educational institutions**
**5. First meeting of Transport Ministers**
**6. Dialogue of Women Leaders of Central Asia**
**7. Exhibition of artist**
**8. Forum of Scientists**
**9. Festival of National dishes**
**10. International Swimming Tournament**
**11. Volunteer Forum**
**12. Forum of Youth Organizations**
**13. Forum of Young Enterpreneurs**
**14. Forum of heads of state bodies on youth affairs**

After the summit, the presidents attended the Gala concert "Friendship Evening".

These kinds of high-level meetings will help fruitful cooperation and strength regional collaboration in different fields.

***Shasenem MEYLISOVA,***
***the 2nd year student of the Faculty of International Relations.***

*The United States established diplomatic relations with Turkmenistan on February 19, 1992.*

*Central Asia is known to have a rich history as a birthplace of higher mathematics and modern medicine.*

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda baý edebi mirasymyzy düýpli öwrenmekde, özleşdirmekde, täzeden janlandyrmakda, olary halkymyza ýetirmekde we dünýä tanatmakda düýpli işler durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli wekili Magtymguly Pyragynyň döredijiligini ylmy esasda öwrenmek boýunça hem ençeme işler amala aşyrylýar. Şahyryň goşgularynyň dürli dillere terjime edilmegi bilen, akyldaryň watansöýüjilik, ynsanperwerlik, ahlaklylyk baradaky pelsepewi pikirleri dünýä ýaýylýar.**

# MAGTYMGULYNYŇ ŞYGYRLARYNDA TARYHY ŞAHSYÝETLERIŇ ÇEPER KEŞBI

*Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna*



Akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň döredijiligi türkmenleriň XVIII asyrdaky durmuşyny, şol döwrüň öňe çykaran meselelerini, il-halkyň, Watanyň bähbidi üçin uly işleri bitiren şahsyýetleri öwrenmekde bahasyna ýetip bolmajak gymmatly çeşmedir. Mysal üçin, söz ussadynyň döredijiliginde taryhy şahslaryň onlarçasynyň atlary agzalýar. Olar pähim-paýhasa, ymgyr danalyga, ýiti zehine eýe bolan, görkezen gahrymançylyklary we edermenlikleri bilen adamzat taryhynda ýitmejek yz galdyran adamlardyr. Elbetde, dünýä taryhynda öçmejek yz galdyryp, şanyňa nesilleriň waspnama ýazmagyny gazanmak üçin beýik işleri amala aşyrmaly. Onda-da, Magtymguly ýaly beýik şahsyýetiň diline düşmek üçin, nähili uly hyzmatlary bitirmelidigi öz-özünden düşnüklidir. Il-günüň, ýurduň, Watanyň bähbidini hemme zatdan ileri tutýan bu beýik söz ussadynyň döredijiliginde öz ornuny tapaýmak aňsat zat däl.

Şeýle şahsyýetleriň döwrüň, jemgyýetiň öňünde bitiren hyzmatlary diňe bir öz ýaşan asyry üçin däl, eýsem, özlerinden soňky zamanlar üçin hem beýiklik nusgasydyr. Olar baradaky rowaýatlar, hekaýatlar hem asyrdan-asyra, nesilden-nesle geçip, baky ýaşap gelýär. Olaryň Magtymgulynyň goşgularynda ýatlanmagy bolsa, bu şahsyýetler hakdaky rowaýatlardyr hekaýatlaryň hakykatlygynyň aýdyň subutnamasydyr. Sebäbi şahyr bu şahsyýetleriň keşbinde öz idealyny tapýar.

Magtymgulynyň öz ýaşan zamanasyndaky taryhy wakalara, taryhy şahsyýetleriň görkezen gahrymançylyklaryna bagyşlanan şygyrlary XVIII asyryň durmuşy gapma-garşylyklaryna esaslanýan çeper hakykatdyr. Şeýle taryhy wakalary, gahrymançylykly söweşleri we şol wakalar bilen baglanyşykly öňe çykan şahsyýetleriň çeper keşbini şygra salmagy onuň öz döwrüniň hakykatyndan üzňe ýaşap bilmändigini ýüze çykarýar. «Arşy aglaýa», «Aly siziňdir», «Döwletalynyň», «Geçdi diýdiler» ýaly şygyrlardaky döwrebaplyk, taryhylyk ünsi özüne çekýär.

Şahyryň döredijiliginde halkyň güngüzeranyny gowulandyrmak ugrunda jan çeken döwürdeşleriniň birnäçesiniň keşbine hem nusgalyk hökmünde ýüzlenendigini görýäris. Magtymgulynyň «Çowdur han üçin», «Çowdur han» şygyrlarynda öz döwürdeşi Çowdur hanyň halky üçin bitiren işleriniň çeper beýany bar. Goşgularda Çowdur hanyň atan oky boş geçmeýän, mertligi-batyrlygy bilen il-günüň sylag-sarpasyna eýe bolan, şahyryň iň bir ýakyn ynsanlarynyň biridigi barada aýdylýar. Çowdur han goşgulardan görnüşine görä, türkmen halkynyň agzybirlik, özbaşdaklyk, döwletlilik, adalatlylyk hakdaky arzuwlarynyň amala aşmagy üçin köp alada eden şahsyýet. Şonuň üçin Çowdur hanyň waspnamasy bolan bu şygryň Magtymgulynyň döredijiliginde möhüm orny bar:

*Tartan oky hiç çykmady saýýadyň,*
*Titretdi älemi Çowdur han adyň.*

Şygyrdan belli bolşuna görä, megerem, Ahmet şadan habar almaga giden Çowdur hanyň we onuň türkmen gerçeklerinden düzülen toparynyň ýolda heläk bolandygyny ildeşleri bilipdirler. Şonuň üçin halkynyň bähbidini arap, uzak ýola düşen Çowdur han dagynyň keç ykbaly hakda eşiden il-gün ýas tutupdyr. Şahyryň özi hem iň ýakyn arkadaşyndan, maslahatçysyndan, galyberse-de, halkyň bitewi döwlet bolmak arzuwynyň amala aşmagyna uly ýardam etjek mert, parasatly ýigitden aýra düşenine gynanjyny çeper suratlandyrýar.

Şahyryň waspnamalarynda ady getirilýän Çowdur han, Öwezgeldi, Döwletaly, agalary Abdylla, Mämmetsapa dagynyň halk bähbidi üçin ata çykan serkerdelerdigi aýdyň şöhlelenýär. Şahyr bu gerçekleriň keşbinde serdara gerek bolan esasy zady — halky bir agza garadýan baştutanyň häsiýetlerini görüpdir.

Watany söýmek, il-günüň derdi bilen ýaşamak meselesinde Magtymguly üçin öz maşgalasy — atasy, agalary görelde mekdebi bolupdyr. Aýratyn-da, özbaşdak döwlet bolmak meselesinde şahyryň atasy Azadynyň, onuň agalarynyň bitiren hyzmatlary uludyr. Magtymgulynyň «Bular gelmedi», «Gözlär men», «Terk eýleme bu mekany» goşgularynda hem onuň agalary Mämmetsapadyr Abdyllanyň il-halkyň bähbidini arap, başyny orta goýup, Ahmet şanyň çakylygy bilen ýola düşendikleri barada söz açylýar.

Magtymguly özüniň akyldar atasy, kämil söz ussady Döwletmämmet Azadynyň-da şahyrana keşbini şygra salmak bilen oňa uly ýadygärlik dikipdir. Şahyr atasynyň hormatyny örän belent tutýar. Şahyryň atasy baradaky «Atamyň», «Oglum - Azadym» ýaly goşgularynda Döwletmämmet Azady onuň diňe atasy däl, eýsem her bir işde ussady, halypasy hökmünde öňe çykarylýar:

***Magtymguly, gizlin syryň bar içde,***
***Kämil tapsaň, kyl gullugyn dyryşda,***
***Magşar gün gaýgysyz girer behişde,***
***Her kim çyndan bolsa dosty atamyň.***

Şahyryň agzalan goşgularyndaky çeper keşpler türkmen halkynyň geçmiş taryhyna, beýik şahsyýetlerimiziň öňde goýan belent maksatlaryna göz ýetirmäge uly mümkinçilik berýär. Bu bolsa täze taryhy eýýamda — Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşaýan, gurýan we döredýän nesillerimizi atalaryň ruhy siňen ajaýyp däplerimiziň mysalynda terbiýelemek işinde nusgalyk hyzmata eýe bolan çeper mirasymyzyň gadyr-gymmatyny has-da belende göterýär. Dana türkmen şahyrynyň goşgularynda beýan edilýän taryhy şahsyýetleriň merdana keşpleri ösüp gelýän ýaş nesilde halkymyzyň taryhyny öwrenmäge bolan höwesi artdyryp, olary watançylyk ruhunda terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir.

***Selbi NAZAROWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň***
***Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy.***

# Sungatlar söhbetleşýärkä...

Sungat adamlaryň kalbyna barýan ýollaryň iň gysgasydyr. Ynsan ýüregine täsir etmek isleseň, sungatdan oňat tär ýok. 2023-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň professory, sosiologiýa ylymlarynyň doktory Öwezdurdy Muhammetberdiýewiň şahsy sergisi guraldy. Sergä ýurdumyzyň meşhur medeniýet we sungat işgärleri, suratkeşleri, halypa diplomatlar, institutymyzyň professor-mugallymlary we talyp ýaşlary gatnaşdylar. Sergide professor Öwezdurdy Muhammetberdiýewiň dürli ýyllardaky eserleri ajaýyplygy, köpöwüşginliligi, reňkleriň sazlaşygy, çeperçilik taýdan ýokary derejeliligi, şekillendiriş sungatynyň dürli žanrlarynda döredilendigi bilen oňa gatnaşanlarda ýakymly täsir galdyrdy. Professor Öwezdurdy Muhammetberdiýewiň işlerinde ajaýyp bir dünýä bar. Ol dünýäde awtoryň hyýaly-fantaziýasy hakykat bilen utgaşyp, gaýtalanmajak sungat eserini kemala getirýär.



Awtoryň eserlerinde türkmen halkynyň gadymy taryhy we milli aýratynlyklarynyň çeper suratlandyrylmagy ýaş nesillerde watançylyk duýgusynyň kämilleşmegine uly goşant goşdy. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz «Parahatçylyk sazy, dostluk-doganlyk sazy» atly pähim-paýhasa ýugrulan kitabynda: «Sungatlar söhbetleşýärkä, toplaryň sesi çykmaýar!» diýip, örän jaýdar belläp geçýär. Halypa mugallymyň käri boýunça sosiolog bolmagyna garamazdan, şekillendiriş sungaty bilen meşgullanmagy talyp ýaşlarda sungata bolan höwesi has hem artdyrdy. Türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde şeýle sergileriň geçirilmegi geljekki halkaraçy hünärmenlerde sungat terbiýesiniň kämilleşmegine, olaryň şekillendiriş älemine bolan höwesleriniň artmagyna uly goşant goşýar.

***Yhlas HALLYÝEW,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň***
***I ýyl talyby.***

*Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň topary Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy we golýazmalary bilen baglanyşykly filmi düşürmek üçin Eýran Ylsam Respublikasyna döredijilik saparyna iberilýär.*

MAKSADA UZAÝAN ÝOLLAR

***Myrat MAKSADOW,***
***Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň I ýyl talyby.***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda biz — ýaşlar babatda bimöçber işler alnyp barylýar. Biziň okamagymyz, döwrebap bilim almagymyz, döwrüň ösen innowasion tehnologiýalaryndan — sanly ulgamdan baş çykaryp bilýän kämil ýaşlar bolup ýetişmegimiz üçin döwlet derejesinde yzygiderli alada edilýär. Munuň özi ata Watanymyzda ertirimiziň eýeleri bolan ýaş nesle bildirilýän uly ynamdan nyşandyr.



Netijede Gahryman Arkadagymyzyň «Ýaşlarymyz ähli güýçlerini, bilimlerini hem-de başarnyklaryny Watanymyzyň ösüşlerine, dünýädäki abraý-mertebesiniň has-da belende galmagyna bagyş etmelidir» diýen ganatly jümlelerinden ruhlanan türkmen ýaşlary bu günki günde yhlasly okap, ylmy we döredijilik gözleglerine tutanýerli ýapyşýarlar. Sebäbi Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň bildirýän belent ynamy ösüp gelýän ýaş nesli üstünliklere ruhlandyrýan güýç, ukyp-başarnygymyz, zehinimiz bilen Watanymyzyň mundan beýläk-de ösüşlerine saldamly goşant goşmagymyza ylham çeşmesi bolup hyzmat edýär. Her ýylyň öz şygarynyň bolşy ýaly, şu ýyl hem «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip yglan edildi. Bu bolsa ýaşlara bildirilýän ynamyň ýene-de bir aýdyň mysalydyr.

Maňa 2022-2023-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Ýaş diplomatlaryň mekdebiniň guramagynda geçirilen «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşiginiň II möwsümine gatnaşmak bagty miýesser etdi. Bu akyl-paýhas bäsleşigi meniň ykbalymy düýpgöter özgertdi. «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşiginiň her bir oýny gyzykly, çekeleşikli we tolgundyryjy pursatlara baý boldy. Ykbal özgerdiji bu bäsleşik geljekki hünärimi saýlamaga hem uly itergi berdi. Şeýle hem men Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ýurdumyzyň orta mekdepleriniň 11-nji synp okuwçylarynyň arasynda Bilimler güni my- nasybetli



Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan yglan edilen, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň hem-de Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi bilen bilelikde geçirilen «Watanyň daýanjy — bilimli ýaşlar, Arkadag Serdaryň guwanjy ýaşlar!» atly ders olimpiadasynda III orna mynasyp boldum. Bu ýeňşim meniň okuwa bolan höwesimi has-da artdyrdy. Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky hemişelik wekili, Türkmenistanyň Gahrymany Aksoltan Ataýewanyň Ýaş diplomatlaryň mekdebiniň agzalarynyň arasynda geçiren okuw sapagyna sanly ulgamyň mümkinçilikleri arkaly gatnaşdym. Bu okuw sapagynda halypa diplomat Aksoltan Ataýewa gymmatly maslahatlary berdi hem-de bizi diplomat bolmaga höweslendirdi.

Ine, bu günki gün bolsa Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň bagtyýar talyby boldum. Bize ylym öwrenmäge, okamaga, zehinimizi açyp görkezmäge ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun! Ähli tutumly işleri rowaçlyklara beslensin!

***Оразджемал ЧАРЫЯРОВА,***
***студентка I курса факультета международной журналистики.***

2023 год, проходящий под девизом «Счастливая молодёжь с Аркадаг Сердаром», с первых дней был полон великих достижений, радостных событий в жизни всей страны. Для меня этот год также не стал исключением. Одним из таких событий для меня стало успешное поступление в Институт международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана. Еще одним значимым событием, заслуживающим внимания, является интеллектуальный конкурс «Юные вестники мира», проведённый в 2022-2023 учебном году школой молодых дипломатов Института международных отношений МИД Туркменистана.

Мне тоже посчастливилось принять участие в этом конкурсе и стать победителем отборочного тура. Надо сказать, что конкурс имеет большое значение в изучении славной истории и дипломатических традиций туркменского народа. Также этот конкурс помог мне найти еще одно – профессию, которую я выберу в будущем и буду работать в этой сфере.



В школьные годы, в основном, интересовалась историей, иностранными языками и участвовала в различных олимпиадах, проводимых на государственном уровне. Я была победителем нескольких конкурсов и олимпиад, занимала призовые места.

Одним из ярких событий для меня также стала встреча с Постоянным представителем Туркменистана при ООН Аксолтан Атаевой, в которой я приняла участие наряду с другими слушателями Школы молодых дипломатов Института международных отношений МИД Туркменистана. В ходе встречи Герой Туркменистана А.Т.Атаева подробно рассказала о достижениях отечественной дипломатической службы, успехах внешней политики, международных инициативах Туркменистана, пользующихся широкой поддержкой в мировом сообществе. По словам опытного Посла, служить своей стране – ведущая цель всех туркменских дипломатов. Мы с большим интересом заслушали выступление постпреда Аксолтан Атаевой, прониклись призывной речью дипломата-наставника, получили много ценных советов, также нам была предоставлена возможность задать интересующие нас вопросы уважаемому гостю.

Пользуясь случаем, уверяю Аркадаглы Сердара , что и впредь буду вносить свой личный вклад в развитие и позитивные преобразования нашей любимой Родины, буду искренне учиться и работать не покладая рук. Мы выражаем огромную благодарность Уважаемому Президенту Туркменистана, предоставляющему широкие возможности для учебы и творчества молодежи. Желаем Аркадаглы Сердару, Национальному Лидеру туркменского народа, Герою-Аркадагу долгих лет жизни, крепкого здоровья и успехов в проводимой деятельности на благо народа и страны.

***Главная цель данного мероприятия – это поиск юных талантов в сфере дипломатии. Для победы школьники должны обладать не только знаниями, но и находчивостью. Чтобы быть дипломатом, одних знаний недостаточно, нужно быть проницательным, ловким, находить выход из любой ситуации.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

*Baş redaktor*
***Aýnabat NAZAROWA***

***Baş redaktoryň orunbasarlary:*** *M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.*
***Jogapkär kätip:*** *B.Garaýew.*
***Jogapkär kätibiň orunbasary:*** *A.Kaşaňow*

***Bölüm müdiri:*** *J.Öwezowa.*
***Edebi işgärler:*** *A.Ýazweliýew, A.Atajykowa.*
***Fotohabarçy:*** *B.Ýazmyradow.*

***Korrektor:*** *A.Döwletowa.*

***Redaksion geňeşiň agzalary:***
*B.Ataýew, M.Berdinyýazow, T.Uşakow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.*

***Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.***

***E-mail:***
yashdiplomathgi@gmail.com